# Köçeki itiñ jynazasyna ýüzlerçe adam gatnaşdy

Category: Geň-taňsy wakalar,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Köçeki itiñ jynazasyna ýüzlerçe adam gatnaşdy KÖÇEKI ITIÑ JYNAZASYNA ÝÜZLERÇE ADAM GATNAŞDY




***Iti basyp geçendigi aýdylýan 23 ýaşly ýigit merhum mejlis agzasynyñ agtygy***

Hindistanyñ günortasyndaky Bangalor şäherinde awtoulag basyp geçen köçeki itiñ jynazasyna ýüzlerçe adam gatnaşdy.
Howpsuzlyk wideokamerasynyñ ýazgysynda geçen hepde Lara atly itiñ bir it sürüsi bilen bile ýolda uklap ýatyrka, ilki yza sürüp, soñ üstünden geçen ak reñkli «Audi» awtoulagy tarapyndan basylandygy görünýär
Sebitdäki we sosial mediýadaky haýwan hak-hukuklary aktiwistleri bolsa muña gahar-gazap bildirfiler we Bangalor

şäheriniñ polisiýasyny herekete geçmäge çagyrdy.
Hadysanyñ bolan ýerindäki ýaşaýjylardan Jaýanagar S.Badri Prasad Siddapura polisiýa bölümine şübhelenýäniñ üstünden arz etdi.
Kimdigi Adi Naraýana Naidu diýip tanadylan 23 ýaşly şübhelenýän mejlisiñ öñki agzasy D.K. Adi Naraýana Naidunyñ agtygy.
Naidu duşenbe güni tussag astyna alyndy, emma has soñra Hindistanyñ jeza hukugy kanuny we Haýwanlara garşy zulumyñ öñüni almak kanuny boýunça işler geçirilenden soñ şol günüñ özünde goýberildi.

*Incident happn Jaynagar 1st block bangalore 29/01/2022*
*Purposely run over a audi car*
*Regi KA 51 ME 0045,one of the Grand son of DK ADIKESHAVLU, justice for voiceless #humanity@AindritaR @diganthmanchale @divyaspandana @samyuktahornad @Manekagandhibjp @Tejasvi_Surya @BSBommai pic.twitter.com/cFw1q4gnBU*

— We save animals (@Wesaveanimals2) January 30, 2022

Laranyñ jynazasyna oppozisioner partiýa bolan Hindistanyñ Döwlet Kongresi bilen birlikde işlän, kannada etniki toparyndan aktrisa we syýasatçy Diwýa Spandana hem gatnaşdy.
Aktrisa polisiýanyñ öñki mejlis agzasynyñ agtygyna garşy çäre görmäge çagyrdy.
Spandana köçeki itiñ ölüminiñ yzysüre «merhuma iman baýlygyny diläp» internetde instagram hekaýasyny paýlaşdy.

*«To Badri, Sudha, Advaith, Priya, Gayatri aunty, Sanjana and everyone who loved and cared for Lara- you inspire me. The fight goes on. pic.twitter.com/7gWG2GosWJ*

— Divya Spandana/Ramya (@divyaspandana) February 1, 2022.»

Paýlaşmada «Laranyñ jynazasyna gatnaşyjylary, aýratynam ýörite gelip gynanç bildiren çagalary görmek maña umyt berdi» diýdi.
Spandana «Olardan öwrenmeli köp zat bar. Mazlumlary we sesini

eşitdirip bilmeýänleri söýgi bilen, mähir-şepagat bilen gorajaklaryny bilýärin. Çagalar özverili, empati ve tutku sahibi. Daha iyi olmak ve daha iyisini yapmak için ilham alıyorum» diye ekledi.

Arpan RAI.

05.02.2022 ý. Geň-taňsy wakalar